Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZIŇ ESASY MAKSADYMYZ EZIZ WATANYMYZY
BEÝIK GELJEGE TARAP YNAMLY ÖŇE ALYP BARMAKDAN YBARATDYR.

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

2025-nji ýylyň 17-nji marty

№ 22 (10359)

DUŞENBE



## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyş dabarasyndaky ÇYKYŞY

*(Ahal welaýatynyň Bäherden etraby, 2025-nji ýylyň 12-nji marty)*

***Hormatly dabara gatnaşyjylar!***
***Eziz watandaşlar!***

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň rowaçlyklara beslenýän günlerinde Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda bina edilen Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyş dabarasyna gatnaşýarys.

***Hormatly adamlar!***
***Hormatly dabara gatnaşyjylar!***

Men siziň ähliňizi bu döwrebap kärhananyň işe girizilmegi bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

***Hormatly adamlar!***

Berkarar Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna, halkymyzyň hal-ýagdaýynyň has-da gowulanmagyna gönükdirilen tutumly işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň», şeýle hem ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň esasynda milli ykdysadyýetimiziň ulgamlaryny, şol sanda senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyny ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýär. Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde medeni-durmuş maksatly döwrebap binalar, kuwwatly senagat kärhanalary, täze obalar, şäherler gurulýar. Türkmenistanda ilkinji «akylly» şäher bolan Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygy üstünlikli dowam etdirilýär.

Garaşsyz Diýarymyzda amala aşyrylýan bu ägirt uly gurluşyklar mähriban halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilendir. Gurlup ulanmaga berilýän binalardyr desgalar milli ykdysadyýetimizi yzygiderli ösdürmäge, ýurdumyzy senagatlaşdyrmaga, sebitleri sazlaşykly ösdürmäge ýardam edýär.

Senagat we gurluşyk önümçiligi pudagy Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşine uly itergi berýär. Ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyklary we ilatymyzy ýokary hilli gurluşyk önümleri bilen üpjün edýär. Biz mundan beýläk hem kabul eden maksatnamalarymyza laýyklykda, senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyny ösdürmegi dowam etdireris.

***Hormatly adamlar!***

Häzirki wagtda gurluşyk we senagat toplumynda uly işleriň amala aşyrylýandygyny aýratyn bellemek isleýärin. Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginde, Kaka etrabynyň Gowşut geňeşliginde täze, döwrebap obalaryň gurluşyklary güýçli depginde alnyp barylýar. Şu ýyl Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda bir gije-gündizde 100 tonna çüýşe önümlerini öndürýän goşmaça desga hem ulanmaga berler.

Kabul edilen döwlet maksatnamalaryna laýyklykda, Senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyny sazlaşykly ösdürmäge, kärhanalarda öndürilýän gurluşyk önümleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmäge, döwletimiziň gurluşyk senagatyny ösdürmäge gönükdirilýän maýa goýum serişdelerini netijeli özleşdirmäge, kärhanalaryň önümçilik kuwwatyny artdyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär. Ýerli çig mal serişdelerinden peýdalanmak bilen, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän, içerki hem-de daşarky bazarlarda uly islegden peýdalanýan önümleri öndürýän, innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan täze senagat kärhanalary yzygiderli gurulýar.

***Hormatly adamlar!***
***Hormatly dabara gatnaşyjylar!***

Ine, şu gün dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berilýän Bäherden keramiki önümler kärhanasy hem aýdanlarymyza aýdyň şaýatlyk edýär. Döwrebap kärhananyň gurluşygy Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň buýurmasy esasynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy bolan «Eziz doganlar» hususy kärhanasy tarapyndan amala aşyryldy.

Täze kärhana ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyklary we ilatymyzy ýokary hilli gurluşyk önümleri bilen bökdençsiz üpjün eder. Kuwwatlylygy bir ýylda 3 million 300 müň inedördül metr keramiki-bezeg plitalaryny we 120 müň sany sanfaýans önümini öndürmäge niýetlenen kärhanada dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň kämil enjamlary ornaşdyryldy. Bu bolsa önümçiligiň ýokary derejede alnyp barylmagyna, täze innowasion tehnologiýalar esasynda dünýä standartlaryna doly laýyk gelýän ýokary hilli önümleri öndürmäge mümkinçilik berer. Kärhana birnäçe binadan we desgadan ybarat bolup, bu ýerde 460-a golaý işgäriň zähmet çekmegi üçin ähli önümçilik, durmuş şertleri döredilen.

Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň senagatçylarynyň geljekde hem ýurdumyzy ösen döwlete öwürmekde tutanýerli zähmet çekjekdiklerine, döwletimiziň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga mynasyp goşant goşjakdyklaryna berk ynanýaryn.

***Hormatly adamlar!***
***Hormatly dabara gatnaşyjylar!***

Sizi hem-de senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynyň ähli işgärlerini, şeýle-de Ahal welaýatynyň ilatyny bu möhüm desganyň işe girizilmegi bilen ýene bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Siziň ähliňize berk jan saglyk, asuda we bagtyýar durmuş, alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýärin.

# SENAGAT WE GURLUŞYK ÖNÜMÇILIGINDE DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLER

***12-nji martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda täze desganyň — Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.***

Ir bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow dikuçarda täze, döwrebap önümçiligiň ýanyndaky meýdança geldi we bu ýerden dabaranyň geçirilýän ýerine tarap ugrady. Dabara gatnaşyjylaryň hatarynda Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, Ahal welaýatynyň häkimi, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň we jemgyýetçilik wekilleri bar.

Hemmeler uly ruhubelentlik bilen Arkadagly Gahryman Serdarymyzy mähirli mübäreklediler. Medeniýet we sungat işgärleriniň aýdym-sazly çykyşlary dabara gaýtalanmajak öwüşgin çaýdy. Döwlet Baştutanymyz dabaraly çäre üçin ýörite taýýarlanylan mejlisler jaýyna bardy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bu ýerde çykyş edip, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň rowaçlyklara beslenýän günlerinde Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda bina edilen Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyş dabarasyna gatnaşyjylary bu döwrebap kärhananyň işe girizilmegi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Döwlet Baştutanymyz berkarar Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna, halkymyzyň hal-ýagdaýynyň has-da gowulanmagyna gönükdirilen tutumly işleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň», şeýle hem ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň esasynda milli ykdysadyýetimiziň ulgamlaryny, şol sanda senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyny ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýändigini belledi.




Hormatly Prezidentimiz dabara gatnaşyjylary hem-de senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynyň ähli işgärlerini, şeýle-de Ahal welaýatynyň ilatyny bu möhüm desganyň işe girizilmegi bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, asuda we bagtyýar durmuş, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

2

# ÖSÜŞIŇ TÄZE BELENTLIKLERI

***14-nji martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.***

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa kanunçylygy we hukuk tertibini berkitmek, raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny goramak, kazyýet edaralarynyň işini kämilleşdirmek, awtomobil ulagy, salgytlar bilen baglanyşykly kanun taslamalaryny taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň kanunçylyk-hukuk esaslaryny berkitmegi dowam etdirmegiň, kanun çykaryjylyk işini yzygiderli kämilleşdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow senagat howpsuzlygy çygrynda bilermenleriň hünär synagyny geçirmegiň Tertibiniň taslamasy barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli Kararyň taslamasy hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň ykdysadyýetini sazlaşykly we netijeli ösdürmekde ýokary bilimli hünärmenlere uly ornuň degişlidigini, şoňa görä, olary taýýarlamagyň hem-de hünär synagyndan geçirmegiň möhüm ähmiýete eýedigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz önümçilik desgalarynyň kadaly ulanylmagyny üpjün etmek maksady bilen, bu ugurda taýýarlanan resminama gol çekdi we ony wise-premýere sanly ulgam arkaly iberip, degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlarda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni mynasybetli geçiriljek baýramçylyk çärelerine görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni mynasybetli baýramçylyk dabaralaryny ýokary derejede geçirmegiň möhümdigine ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere ýurdumyzyň welaýatlaryndaky «Türkmeniň ak öýi» binalarynyň öňündäki baýramçylyk meýdançalarynda Milli bahar baýramyna bagyşlanan çärelere gowy taýýarlyk görmegi hem-de olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

2

# SENAGAT WE GURLUŞYK ÖNÜMÇILIGINDE DÖWREBAP MÜMKINÇILIKLER

1

Soňra bu ýerde ýerleşdirilen ekranda Bäherden keramiki önümler kärhanasy bilen tanyşdyrýan wideofilm görkezildi.

Soňra Italiýa Respublikasynyň «SACMI Imola Societa Cooperativa» kompaniýasynyň wekili Mikele Pulpito söz berildi.

Kompaniýanyň wekili Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyp ulanmaga berilmegi bilen hormatly Prezidentimizi we ýygnananlary tüýs ýürekden gutlap, bu zawodyň Türkmenistanda şeýle önümleri öndürýän ilkinji, dünýäde bolsa iň iri we döwrebap kärhanalaryň biri bolup durýandygyny belledi.

Myhman pursatdan peýdalanyp, Türkmenistan bilen Italiýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça edýän tagallalary üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, türkmen halkynyň bähbidine durmuşa geçirýän giň gerimli işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

Ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda ýurdumyzyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrine «SACMI Imola Societa Cooperativa» kompaniýasynyň Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň ýokary tehnologiýaly enjamlar bilen enjamlaşdyrylan desga bolup, ähli inženerçilik işleriniň we kärhananyň önümçiliginde ornaşdyrylan enjamlaryň Ýewropada hereket edýän, halkara derejede kabul edilen standartlara doly laýyk gelýändigini tassyklaýan şahadatnamasy, şeýle hem Italiýanyň «Associazione Costruttori Italiani Macchine Attrezzature per Ceramica» kompaniýasynyň Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň ekologik taýdan arassa we daşky gurşawa zyýan ýetirmeýän desga bolup, kärhananyň önümçiliginde ornaşdyrylan tehnologik enjamlaryň hil, daşky gurşaw, saglyk we howpsuzlyk taýdan halkara güwänamalaryň kadalaryna doly laýyk gelýändigini tassyklaýan şahadatnamasy gowşuryldy.



Döwlet Baştutanymyz dabaraly ýagdaýda toý bagyny kesdi. Şol pursatda asmana dürli reňkdäki howa şarlary uçuryldy. Soňra hormatly Prezidentimiz kärhananyň çäginde gurlan sergi binasyna bardy we keramiki bezeg plitalarynyň, sanfaýans önümleriniň görnüşleri bilen tanyşdy.

Sergi binasynda kärhananyň hünärmeni hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen açylyp ulanmaga berlen Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň ýurdumyzda giň gerim bilen alnyp barylýan gurluşyklary, ilatymyzy gurluşyk önümleri bilen üpjün etmäge amatly şertleri döretjekdigini aýdyp, şeýle döwrebap kärhanada işlemäge döreden giň mümkinçilikleri üçin döwlet Baştutanymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi we onuň işine ak pata bermek baradaky haýyş bilen ýüzlendi.

Tolgundyryjy pursat gelip ýetdi: hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow düwmäni basyp, iri senagat desgasyny işe girizdi. Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň öz işine başlamagy we önümçiligiň çylşyrymly tehnologik prosesi wideoşekillerde görkezildi.

Soňra Arkadagly Gahryman Serdarymyz täze kärhananyň barlaghana otagyna bardy. Bu ýerde hünärmen döwlet Baştutanymyzy döredilen şertler bilen tanyşdyrdy.

Hormatly Prezidentimiz hünärmene işinde üstünlikleri arzuw edip, keramiki-bezeg plitalaryny öndürýän önümhana bardy we bu ýerde önümçiligiň tehnologik prosesi bilen tanyşdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz sanfaýans önümleri önümhanasyna bardy we bu ýerde önümçilik bilen tanyşdy.

Döwlet Baştutanymyz sanfaýans önümleri önümhanasyndan çykyp, Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň ýolbaşçysyna täze awtoulaglaryň we ýörite tehnikalaryň açarlaryny gowşurdy.

Kärhananyň ýolbaşçysy döwrebap önümçilik desgasyny gurduryp berendigi hem-de Şa serpaýy üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyza kärhananyň işgärleriniň adyndan çäksiz hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza berk jan saglyk, uzak ömür, döwlet ähmiýetli işleriniň rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow dabara gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşyp, dikuçar meýdançasyna bardy we bu ýerden Aşgabada ugrady.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň dabaralaryna beslenýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçirilen açylyş dabarasy Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan giň gerimli özgertmeleriň hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi esasynda milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň okgunly ösdürilýändiginiň nobatdaky aýdyň güwäsi boldy.

**«Mugallymlar gazeti».**

# ÖSÜŞIŇ TÄZE BELENTLIKLERI

1

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa 2025 — 2026-njy okuw ýylynda Rumyniýanyň ýokary okuw mekdeplerine ýaşlary okuwa ibermek meselesi barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda ýaşlaryň daşary ýurtlaryň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim almaklary üçin giň mümkinçilikleriň döredilýändigini, munuň milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny ýokary taýýarlykly hünärmenler bilen üpjün etmäge ýardam berýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Rumyniýanyň ýokary okuw mekdeplerine ýaşlary okuwa ibermek baradaky taýýarlanan teklibi makullap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri boýunça halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek ugrunda görülýän çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda gaýtadan dikeldilýän energiýany ösdürmäge uly üns berilýändigini, Diýarymyzda Günüň hem-de ýeliň energiýasyny ulanmak babatda oňyn şertleriň bardygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmegi dowam etdirmegiň möhümdigine ünsi çekip, bu ugurda taýýarlanan teklibi goldady we wise-premýer, daşary işler ministrine degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew Türkmenistan bilen Gyrgyz Respublikasynyň arasynda logistika ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Ulag-üstaşyr geçirmek we logistika meseleleri boýunça türkmen-gyrgyz bilelikdäki toparyny döretmek boýunça zerur işler alnyp barylýar. Bu toparyň döredilmegi birnäçe ugurlar boýunça halkara üstaşyr ulag geçelgelerini has-da işjeňleşdirmäge itergi berer. Şunuň bilen baglylykda, agentligiň ýolbaşçysy döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň Gyrgyz Respublikasy bilen ulag-logistika ugurly hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Ulag-üstaşyr geçirmek we logistika meseleleri boýunça türkmen-gyrgyz bilelikdäki toparynyň türkmen böleginiň düzümi boýunça taýýarlanan teklibi goldap, agentligiň ýolbaşçysyna zerur işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

# ARKADAG ŞÄHERI: milli binagärligiň nusgasy

***13-nji martda häzirki zaman binagärlik aýratynlyklaryny özünde jemleýän Arkadag şäherinde Hytaý Halk Respublikasynyň Hančžou Dýanszi uniwersitetiniň bu şäheriň ekologik taýdan arassalygyny alamatlandyrýan Üstünlik güwänamasynyň gowşurylmagy mynasybetli dabara geçirildi. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň yhlasyndan binýat bolan täze şäheriň binagärlik çözgüdi, ekologik derejesi boýunça halkara giňişlikde ykrar edilýändiginiň nobatdaky güwäsine öwrüldi. Dabara şäheriň ýolbaşçy düzüminiň wekilleri, Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, hormatly ýaşulular, köp sanly ýaşlar gatnaşdylar.***

Aýdym-sazly çykyşlar bilen utgaşykly dowam eden dabara gatnaşyjylar, ilki bilen, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň baş binasynyň eýwanynda ýaýbaňlandyrylan sergini synladylar. Onda Arkadag şäheriniň häzirki zaman binagärlik keşbine, şäherde ornaşdyrylan sanly ulgamyň we innowasion tehnologiýalaryň aýratynlyklaryna bagyşlanan dürli maglumatlar, fotosuratlar görkezildi. Sergide şäheriň dürli ugurlar boýunça mynasyp bolan halkara güwänamalary, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň zehininden dörän kitaplar möhüm orun eýeledi. Şeýle hem bu ýerde hytaý tarapynyň wekilleriniň bölüminiň guralandygyny bellemek gerek.

Dabarada edilen çykyşlarda Milli Liderimiziň başyny başlan beýik işleriniň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi esasynda şähergurluşyk maksatnamasynyň talabalaýyk berjaý edilýändigi barada aýdyldy.

Soňra HHR-iň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Sýan Naýçene söz berildi. Ol bu ähmiýetli çäräniň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilendigi üçin türkmen tarapyna hoşallygyny beýan etdi.

Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň dürli maksatly desgalarynyň binagärlik aýratynlyklary dünýä jemgyýetçiliginiň ýokary bahasyna mynasyp boldy. Munuň özi ösüşleriň belentliklerine tarap ynamly gadam urýan ýurduň kuwwatyny we derejesini görkezýär. Ilçi Arkadag şäherine Hančžou Dýanszi uniwersitetiniň Üstünlik güwänamasyny gowşurmagyň özi üçin uly hormatdygyny aýdyp, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazowa güwänamany gowşurdy. Pursatdan peýdalanyp, ol Arkadag şäheriniň ýolbaşçylaryny we ähli ilatyny «akylly» şäheriň ekologik




taýdan arassalygy bilen tapawutlanýandygy hakyndaky bu ykrarnama bilen gutlady.

Çykyşlarda Arkadag şäherinde durmuşa geçirilýän we täzeçil usullary esasy ugur edinýän işleriň oňyn netijeleri berýändigi bellenildi. Dabaranyň dowamynda Türkmenistanyň Mejlisiniň Arkadag şäheriniň dolandyryş çägine üýtgetmeler girizmek hakynda degişli karary kabul edendigi barada aýdyldy. Resminama bilen, Aşgabat şäheriniň 65 ga ýerini Arkadag şäheriniň dolandyryş çägine geçirmek baradaky çözgüt kabul edildi. Dabara gatnaşyjylar munuň üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza täze şäheriň ähli ilatynyň adyndan sagbolsun aýtdylar.

Soňra Arkadag şäherinde ulanylýan innowasion tehnologiýalara hem-de sanly ulgam üpjünçiligine bagyşlanan wideoşekiller görkezildi.

Belent ruha beslenen aýdym-sazly çykyşlarda ýurdumyzyň ähli ugurlarda ýeten derejesi, Arkadag şäherinde gazanylýan üstünlikler, halkymyzyň bagtyýar durmuşy öz beýanyny tapdy.

Dabaranyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul etdiler.

**«Mugallymlar gazeti».**

# ÜSTÜNLIKLI ÖSDÜRILÝÄN HYZMATDAŞLYK

***12-nji martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýewropa Bileleşiginiň halkara hyzmatdaşlyk boýunça Ýewropa komissary Ýozef Sikelany kabul etdi.***

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, Ýewropa Bileleşiginde ykdysady özgertmeleriň ýoly bilen ynamly öňe barýan Türkmenistan bilen köpugurly hyzmatdaşlyga ýokary baha berilýändigini nygtady.

Hormatly Prezidentimiz Ýewropa komissaryny mähirli mübärekläp, myhmanyň ýurdumyza amala aşyrýan saparynyň dowamynda ýokary derejeli duşuşyklaryň geçiriljekdigini hem-de onuň sebitde uly portlaryň biri bolan Türkmenbaşy Halkara deňiz portuna baryp görjekdigini aýtdy we bu saparyň Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy, geljekki ugurlary boýunça pikir alyşmaga, köpugurly gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge mümkinçilik berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky hyzmatdaşlyk üstünlikli ösdürilýär. Soňky ýyllarda syýasy-diplomatik gatnaşyklar has-da işjeňleşdirilýär. Özara hyzmatdaşlygyň diňe bir ikitaraplaýyn däl, eýsem, köptaraplaýyn esasda-da ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär. «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» formatyndaky gatnaşyklar munuň aýdyň mysalydyr.

Ýurdumyzda ylym-bilim, ekologiýa, energetika ulgamlarynda, üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmek babatda hem Ýewropa Bileleşigi bilen birnäçe taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň geografik taýdan amatly çäkde ýerleşmegi bilen baglylykda, üstaşyr ulag geçelgelerini kämilleşdirmek strategik ähmiýete eýe bolýar. Şunda Türkmenistanda Demirgazyk — Günorta we Gündogar — Günbatar ugurlary boýunça geljegi uly ulag geçelgeleriniň işjeň ösdürilýändigi nygtaldy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Ýewropa Bileleşiginiň halkara hyzmatdaşlyk boýunça Ýewropa komissary Ýozef Sikela özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

**«Mugallymlar gazeti».**

# HUSUSY PUDAGYŇ AÝDYŇ ÝOLY

***Täze taryhy döwürde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny yzygiderli ýokarlandyrmaga, halkara hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge gönükdirilýän tagallalar rowaçlyga beslenýär. Bu ugurdaky işlere milli ykdysadyýetiň hususy pudagy hem mynasyp goşant goşýar. Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygynyň dabaralaryna beslenýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilenine 17 ýyl dolýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda döredilen iri işewürlik düzümi halk hojalygynyň pudaklarynyň sazlaşykly ösmeginde, dünýä tejribesiniň özleşdirilmeginde möhüm orun eýeleýär.***

Türkmen halkynyň Milli Lideri tarapyndan binýady goýlan ýurdumyzyň ykdysady strategiýasy hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda täze sepgitlere eýe bolýar. Ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmäge, sebitleriň sazlaşykly ösüşini üpjün etmäge gönükdirilen maksatnamalary yzygiderli durmuşa geçirmekde, innowasiýalary goldamakda we olary iş ýüzünde durmuşa ornaşdyrmakda hususy işewürler hem netijeli işleri alyp barýarlar. Bu gün türkmen telekeçileri döwletimiziň döredýän mümkinçiliklerinden, hususy pudagy ösdürmek ugrunda amala aşyrylýan özgertmelerden ruhlanyp, ýurdumyzyň önümçilik-ykdysady kuwwatyny has-da berkitmekde we döwrebaplaşdyrmakda, senagat binýadyny kämilleşdirmekde giň gerimli işleri durmuşa geçirýärler.

Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürýän senagatçylardyr telekeçiler ösüşlere uly goşant goşýarlar. Häzirki wagtda telekeçilerimiz oba hojalyk ekinleriniň ýokary hasyl berýän, ir ýetişýän täze görnüşlerini ekýärler. Şunda ulanylýan innowasion usullar bol hasylyň we tebigy serişdelerden netijeli peýdalanmagyň girewi bolup hyzmat edýär. Oba hojalykçy telekeçilerimiz bazarlarymyzy mal we guş eti, balyk we balyk önümleri, ýumurtga, süýt we süýt önümleri, şöhlat, konditer, çörek we çörek önümleri, agyz suwy, miwe içgileri hem-de şireleri, ösümlik ýagy, bugdaý, pagta, gök-bakja, azyklyk däneleri, miweler we üzüm hem-de beýleki önümler bilen üpjün edýärler.

Soňky ýyllarda telekeçilik işi gurluşyk senagatynda hem netijeli ugurlaryň birine öwrüldi. Bu gün türkmen gurluşykçylary milli binagärlik däplerimiz esasynda binalaryň, desgalaryň taslamalaryny taýýarlamakda we gurluşygyny alyp barmakda, şeýle-de gurluşyk serişdelerini öndürmekde belent sepgitlere ýetdiler. Ýerli kärhanalar iri gurluşyk taslamalaryny, häzirki zaman edara binalaryny, ýaşaýyş toplumlaryny, önümçilik hem-de medeni-durmuş maksatly iri desgalary gurmakda dünýäniň öňdebaryjy gazananlaryny işjeň özleşdirýärler. Ýakynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ak pata bermegi bilen Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda ýurdumyzyň kuwwatly önümçilik kärhanalarynyň üstüni ýetiren häzirki zaman Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň dabaraly ýagdaýda açylmagy hem bu ugurda nobatdaky möhüm ädim boldy. Ýerli gurluşykçylar tarapyndan bina edilen bu kärhana ykdysady ösüşde döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň oňyn netijeleriniň nobatdaky mysalydyr.

Mälim bolşy ýaly, geçen ýylda ýurdumyz boýunça maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna önümçilik we medeni-durmuş maksatly desgalaryň 86-sy, umumy meýdany 1 million 145 müň inedördül metre deň bolan ýaşaýyş jaýlary ulanmaga berildi. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hem Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen gurulýan, ýurdumyzyň taryhynda ilkinji «akylly» şäher bolan Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygy ýokary depginde dowam etdirilýär, täze önümçilik we durmuş düzümleri döredilýär. Bu üstünliklerde hususy pudagyň wekilleriniň mynasyp goşandy bardyr. Çünki türkmen işewürleri innowasion tehnologiýalary we öňdebaryjy dünýä tejribesini özleşdirmek bilen, ösüşiň täze belentliklerini nazarlaýarlar.

Şanly wakalar, belent sepgitler bilen taryha ýazylýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem hususy pudagyň wekillerini täze üstünliklere ruhlandyrýar. Eziz Diýarymyzyň ähli babatda gülläp ösmegi, halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy ugrunda ýadawsyz aladalary edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza we türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.

**Begençgeldi BAÝRAMMYRADOW,**
**Türkmenistanyň Mejlisiniň Ykdysady meseleler baradaky komitetiniň agzasy.**

# Hoşniýetli gatnaşyklar rowaçlanýar

Eziz Watanymyzda gazanylýan belent üstünlikler biziň her birimizi buýsandyrýar. Hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän beýik işleri halk bähbitlerinden gözbaş alyp, ýurdumyzyň döwrebap ösüşlerini üpjün edýär. Belent üstünlikleriň, bereket bolçulygyň, eşretli durmuşyň gaýnap joşýan, berkararlygyň hem bagtyýarlygyň ýurdy Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan ynamly öňe barýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň döredýän giň mümkinçiliklerinden ruhlanýan merdana türkmen halkymyzyň her bir güni zähmet ýeňişlerine, döredijilik üstünliklerine beslenýär.




Türkmen halky ajaýyp döwürde uly ösüşler bilen öňe barýar. Şunda ykdysadyýetde, gurluşykda, ylym-bilimde we beýleki ugurlarda ýetilýän sepgitler örän buýsandyryjydyr. Şeýle guwandyryjy şanly wakalar ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmek, raýatlarymyzyň ýaşaýyş derejesini gowulandyrmak bilen bagly wezipeleri üstünlikli çözmek boýunça ýokary netijeleriň gazanylýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär. Garaşsyz Watanymyzyň her bir aý-güni ýatda galyjy toý-baýrama, şatlykly wakalara beslenýär. Ynha, şu ýylymyzda hem baky Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk toýy uly dabaralara, dünýä derejesindäki çärelere beslener.

Müňýyllyklardan gözbaş alýan gadymy taryhy bolan türkmen halky üçin hemişelik Bitaraplyk baky bagtdyr. Çünki ata-babalarymyz asyrlaryň dowamynda parahatçylyk söýüjilik ýörelgesini kemala getiripdirler. Pederlerimiz dürli halklar bilen dost-doganlyk, hoşniýetlilik gatnaşyklaryny ýola goýupdyrlar. Häzirki ajaýyp döwrümizde bu asylly ýörelgeler dünýä derejesinde giňden ýaýylýar, umumadamzadyň bähbidine gönükdirilýär.




Halkymyzyň parahatçylyk söýüjilik ýörelgesi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe has-da çuňňur many-mazmuna eýe bolýar. Parahatçylygyň, abadançylygyň ynsan kalbynda hemişe-de arzylanandygy ählimize aýandyr. Ýöne esasy zat, şol arzyly jümleleriň ynsan kalbynda diňe arzuw bolup däl-de, onuň durmuşynda, onda-da, tutuş jemgyýetiň durmuşynda wysal tapmagydyr. Türkmen halkynyň eýýamlardan we heňňamlardan geçip gelen parahatçylyk söýüjilik ýörelgesi adamzada şuglasyny eçilýär.

Hemişelik Bitaraplyk syýasaty ýurdumyzyň abadançylygyny, durnukly ösüşiň binýadyny pugtalandyrdy. Durnukly ösüş ýurdumyzyň pajarlap ösmegine, dünýä jemgyýetçiligi bilen hoşniýetli gatnaşyklaryň has-da giňeldilmegine badalgadyr. Hormatly Prezidentimiziň hemmetaraplaýyn hem-de ylmy esasda alnyp barylýan öňdengörüjilikli, hoşniýetli syýasatynyň netijesinde dünýäniň ençeme döwletleri, iri halkara guramalary bilen köpugurly hem-de giň möçberli hyzmatdaşlyklaryň gerimi barha giňeldilýär. Eziz Diýarymyz indi birnäçe ýyldan bäri ykdysady ösüşiň ýokary görkezijisini saklap gelýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda milli ykdysadyýetimizde öňdebaryjy halkara tejribelerini ornaşdyrmak we ony ösdürmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak boýunça giň möçberli maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Bularyň ählisi ýurdumyzyň beýik ösüşlerini, halkymyzyň röwşen geljegini üpjün edýär.

**Orazjemal ÇARYÝEWA,**
**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň uly mugallymy.**

# Hemişelik Bitaraplyk — bagtymyz

***Gahryman Arkadagymyzyň beýik işlerini mynasyp dowam edýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyz özgerýär, täze ösüşler bilen belent üstünliklere eýe bolýar. Häzirki ajaýyp döwrümizde halk bähbitli we dünýä ähmiýetli başlangyçlar has-da rowaçlanýar. Şunda dünýäde parahatçylygy wagyz etmek, hemişelik Bitaraplyk syýasatyna eýerip, umumadamzat bähbitli başlangyçlary öňe sürmek çuňňur many-mazmuna eýedir. Şeýle hem baky Bitaraplygymyzyň ýörelgelerine esaslanýan başlangyçlaryň dünýäde ykrar edilýändigini bellemek has-da ýakymlydyr.***

Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň öňe sürýän başlangyçlary dünýäniň röwşen geljegi bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin hem bu başlangyçlaryň esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan ýörite Kararnamalar hem kabul edilýär. Muňa mysal hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilendigini bellemek gerek. Şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Merkezi Aziýa — parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Şeýle aýdyň mysallardan görnüşi ýaly, ýurdumyzyň öňe sürýän başlangyçlary dünýäde uly gollanma eýe bolýar. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň içeri we daşary syýasatynyň üstünlikli alnyp barylýandygyny, ynsanperwer ýörelgeleriň dünýä jemgyýetçiliginde giňden oňlanylýandygyny, ähli halklar tarapyndan goldanylýandygyny aýdyň beýan edýär. Bu belent üstünliklere türkmen halky tüýs ýürekden buýsanýar we pederlerimizden gelýän parahatçylyk söýüjilik ýörelgämizi dünýä ýaýmakda öz goşandyny goşýar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan turuwbaşdan hoşniýetlilik ýörelgelerine, dünýäde parahatçylygyň we abadançylygyň rowaçlanmagyna gönükdirilen başlangyçlara uly ähmiýet berýär. Geçen taryhy döwürde Türkmenistanyň başlangyjynyň dünýäde uly goldawa eýe bolmagy, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Kararnamalary bilen tassyklanmagy örän buýsandyryjy ýagdaýdyr. Bularyň ählisi ýurdumyz tarapyndan öňe sürülýän başlangyçlaryň dünýäde ähmiýetli orny eýeleýändigini subutnamasydyr. Bu başlangyçlar ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň baý tejribesini özünde jemleýär hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň öňünde durýan asylly ýörelgeleri kesgitleýär.

Bu gün Türkmenistan hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk toýuny dabaralandyrýar, şanly wakalar bilen ählimizi buýsandyrýar. Şeýle taryhy ýylda hem ýurdumyz özüniň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanyp, sebitde we dünýäde parahatçylygy goldamak boýunça nusgalyk işlerini dowamly alyp barýar. Hemişelik Bitaraplygymyzyň asylly ýörelgelerini dünýä ýaýýan, halklaryň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklary has-da pugtalandyrýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, beýik işleri üstünliklere beslensin!

**Döwletnazar SUWHANOW,**
**Aşgabat şäherindäki demir ýol ulaglary orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.**

# IŇ EÝJEJIK BALALAR

***Golaýda Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni mynasybetli ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň 2 — 4-nji synplarynda okaýan okuwçy gyzlaryň arasynda Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň bilelikde guramagynda «Iň eýjejik gyzjagaz — 2025» atly bäsleşigiň döwlet tapgyry geçirildi. Aşgabat, Arkadag şäher we welaýat tapgyrlarynda ýeňiji bolan zehinli gyzjagazlaryň şatlyk-şowhuna beslenen bäsleşigi paýtagtymyzdaky «Watan» kinokonsert merkezinde dabaralandy.***



Diýarymyzyň ähli künjeginden gatnaşan on dört sany saýrak dilli eýjejik gyzjagazlar bäsleşigiň birinji şertine laýyklykda, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde alnyp barylýan tutumly işleri, eziz Watanymyzy, bagtyýar çagalygy, dost-doganlygy, parahatçylygy we sagdyn durmuş ýörelgesini wasp edýän aýdym-sazly çykyşlary ýerine ýetirdiler. Ikinji şertde gyzjagazlar milli egin-eşikleri şahyrana wasp etdiler. Üçünji şertde bolsa, olar ýaş aýratynlyklaryna görä, enemamalarymyzdan miras galan alaja işmek, jorap örmek, keşde çekmek ýaly milli el



işleriniň görnüşlerini ýerine ýetirmekde bäsleşdiler. Ajaýyp bezelen sahnada milli lybasymyza beslenen zehinli saýrak dilli eýjejik gyzjagazlar ýerine ýetiren aýdym-sazlary, tanslary bilen aýratyn sazlaşykly gözellik döretdiler. Eminler topary her bir gyzjagazyň bäsleşigiň şertini ýerine ýetirşini synlap, adalatly baha berdiler. Netijede, «Iň eýjejik gyzjagaz — 2025» atly bäsleşigiň baş baýragyna Aşgabat şäherindäki 99-njy orta mekdebiň 2-nji synp okuwçysy Nurgözel Berdiýewa mynasyp boldy. Şeýle hem 1-nji orna Daşoguz şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 7-nji orta mekdebiň 4-nji synp okuwçysy Aýnäzli Jepbarowa, 2-nji orna Arkadag şäherindäki 1-nji ýöriteleşdirilen okuw-terbiýeçilik toplumynyň 2-nji synp okuwçysy Gülnar Gurbangulyýewa bilen Saýat etrabyndaky 29-njy orta mekdebiň 3-nji synp okuwçysy Aýgözel Muhammedowa, 3-nji orna Tejen etrabyndaky 25-nji orta mekdebiň 4-nji synp okuwçysy Gülnäz Şamyradowa, Türkmengala etrabyndaky daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 1-nji orta mekdebiň 2-nji synp okuwçysy Melek Esenowa, Türkmenbaşy etrabyndaky daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 15-nji orta mekdebiň 3-nji synp okuwçysy Arzuw Amanowa dagy mynasyp boldy.

Bäsleşige gatnaşan zehinli gyzjagazlar çykyş aýratynlyklary esasynda «Mahmal owazly gyzjagaz», «Milli zynatly gyzjagaz», «Çeper waspçy gyzjagaz», «Watançy gyzjagaz», «Şahandaz gyzjagaz», «Saýrak dilli gyzjagaz», «Şirin owazly gyzjagaz» diýen ugurlar boýunça ýörite Hormat haty bilen sylaglanyldy. Şeýle hem bäsleşikde ýeňiji bolan eýjejik gyzjagazlara gymmatbahaly ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

**Gülsoltan ANNAGULYÝEWA,**
**«Mugallymlar gazeti».**

Usulyýet — sapagyň esasy

# ÇAGALAR BAGYNDA KÖRPELERE SANLARY ÖWRETMEK

Çagalar baglarynda körpeler toparlara bölünip, bu ugurdaky işler ýörite kabul edilen meýilnamalar boýunça alnyp barylýar. Şunda ýaş nesilleriň terbiýesine, giň dünýägaraýşyna uly üns berilýär. Halk paýhasynda we nakyllarda terbiýäniň has ir berlip başlanýandygy beýan edilýär. Şonuň üçin çagalar bagyna gatnaýan körpelere hem milli terbiýe berilýär we olar sowat öwrenmäge taýýarlanylýar. Körpelerde bilim almaga höwes döretmek üçin çagalar bagynda ýörite usullar ulanylýar. Esasan hem, mekdebe taýýarlaýyş toparlarda harplar, sanlar hakynda düşünje berilýär. Bu olaryň mekdebe bolan gyzyklanmalaryny, okamagy, sanamagy endik etmegini üpjün edýär.

Çagalar bagynda dürli meýilnamalar we usullar işlenip taýýarlanylýar. Olaryň sanlar we harplar hakynda ilkinji düşünjeleriniň emele gelmegi üçin ýörite sapaklar guralýar. Şeýle hem bu sanlary öwretmekde oýunlaryň ähmiýeti örän uludyr. Çagalar sanawaçlaryň ýa-da goşgularyň üsti bilen, sanlar hakyndaky düşünjeleri alýarlar. Şonuň üçin terbiýeçi hökmünde ýörite sanawaçlary toplap alýarys. Bu sanawaçlary multimedia tagtasynda surat şekiljikler bilen ýerleşdirýäris. Soňra surat şekiljikler bilen çagalaryň ünsüni çekmek bolýar. Çünki çagalar surat şekillerine uly gyzyklanma bildirýärler, olar suratlary we multfilmleri gowy görýärler. Şonuň üçin hem, ilki bilen, surat şekilleri hakynda söhbet etmek, şekiliň nämäni aňladýandygy hakynda sowal-jogap guramak täsirlidir. Çagajyklar suratlar hakynda dürli sowallary berip başlaýarlar. Ine, şonda bu suratda ýerleşdirilen sanawajy labyzly okap berýäris.



**Ýedigenim ýedi ýyldyz,**
**Ýedi gonar, ýedi göçer.**

Bu sanawaçdaky sanlary düşündirýäris. Şonda çagalar «bir, iki, üç, dört, bäş, alty, ýedi» diýip, labyzly sanap başlaýarlar. Şeýlelikde, körpelere sanlar hakynda düşünje bermek üçin olar bilen degişli işler geçirilýär. Şunda terbiýeçilik oýunlaryna aýratyn üns bermek gerekdir. Terbiýeçilik oýunlaryny bilim we terbiýeçilik işi bilen sazlaşykly alyp barmak, körpeler bilen gyzykly söhbetdeşlikleri guramak hökmandyr. Terbiýeçiniň esasy ugry çaganyň pikirleniş endiklerini ösdürmegi, olaryň bir zatlar öwrenmäge bolan höwesini oýarmagy bolmalydyr. Terbiýeçi çagalar bilen diňe sowal-jogap alyşmaýar, eýsem, olaryň gyzyklanmalaryny öwrenýär. Şeýle hem sowal-jogap çaganyň pikirini beýan edip bilmek ukybyny hem ösdürýär. Sowal bermek arkaly çagalaryň pikirlenişi has-da ösýär. Esasy ugurlaryň biri çaganyň sowallaryny jogapsyz galdyrmazlykdyr. Terbiýeçi çaganyň sowallaryna hökman düşündiriş bermelidir, düşündirmelidir, täsirli jogaplar bilen olary gyzyklandyryp durmalydyr. Şeýle usullar çagada terbiýeçä, mugallyma bolan sarpany hem kemala getirýär. Bu, ilkinji nobatda, bilim işgäriniň döredijilik mümkinçiligine bagly bolup, ukyp-başarnygyny durmuşa geçirmegi bilen şertlendirilýär. Has takyqy, halk içindäki oýunlary toplamak, terbiýeçilik işinde peýdalanmak bilen bilim işgäri usulyýet işine öz goşandyny goşup biler.

Şu ýerde ýene bir mysala ýüzlenmek bolar. Çagalar dürli kagyzlary ýelimläp, surat şekillerini ýasaýarlar. Şunda hem terbiýeçi çagalaryň näçe surat şekilini ýasandyklaryny soraýar we olaryň ýönekeý sanlar hakyndaky düşünjesini kemala getirýär. Çagalar öz ýasan şekillerini sanaýarlar we terbiýeçiniň sowalyna jogap berýärler. Şeýlelikde, çagalarda sanlar hakynda düşünje kemala gelýär we munuň özi çaganyň irki ösüşine oňat täsir edýär.

**Hasagül KAKABAÝEWA,**
**Türkmenbaşy şäherindäki 30-njy çagalar bakja-bagynyň terbiýeçi-usulçysy.**

# RÖWŞEN GELJEGIMIZIŇ BINÝADY

Ylymly-bilimli ýaşlar röwşen geljegimizdir. Ýokary hünär taýýarlykly ýaşlary kemala getirmek, olaryň kämil şahsyýetler bolup ýetişmegini üpjün etmek bilim özgertmeleriniň baş ugrudyr. Çünki ähli ösüşler bilimli hünärmenleriň başarnygy, ylmyň iň täze gazananlary bilen berk baglanyşyklydyr. Şonuň üçin hem ylym-bilimi ösdürmek, bilim özgertmelerini üstünlikli amala aşyrmak üns berilýän ugurlaryň biridir.

Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň ýokarlanmagynda ylmyň hyzmaty uludyr. Ýurdumyzda bilim ulgamyny ösdürmäge, ýokary okuw mekdepleriniň maddy-üpjünçilik binýadyny pugtalandyrmaga, tejribe-synag işlerini maliýeleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Ylym-bilim ulgamy pudaklar we telekeçilik işi bilen sazlaşykly gatnaşykda goýlup, ýokary tehnologiýaly önümçilik guralýar. Munuň özi ýurdumyzy durnukly ösdürmäge esas bolýar.

Häzirki ajaýyp döwrümizde ylym örän tizlik bilen ösýär. Şunda nanotehnologiýalaryň, sanly ulgamyň, himiýa senagatynyň we beýleki tebigy ugurly bilimleriň üstünlikli ösdürilýändigini, bu ugurda ýaş alymlaryň kemala gelýändigini bellemek gerek. Olar häzirki wagtda ylmyň dürli ugurlary boýunça iş alyp barýarlar, özleri üçin döredilen şeýle ajaýyp mümkinçilikden peýdalanyp, ukyp-başarnyklaryny kämilleşdirýärler. Saýlap alan ugurlary boýunça ylmyň düýpsüz ummanynda gulaçlap ýüzüp, ylym dünýäsiniň gizlin syrlaryna ynamly aralaşýarlar. Netijede, ata Watanymyzyň ylym-bilim ulgamyny baýlaşdyrmaga we kämilleşdirmäge saldamly goşant goşjak ylmy işleriň üstünde işläp, ýaş alymlaryň hataryny artdyrýarlar.

Şeýle hem ýurdumyzda sanly ulgamyň, kompýuter tehnologiýasynyň ösüşi üstünlikli ýola goýuldy. Şunda sanly ulgama ylmy esasda düşünýän ýaşlaryň sany barha artýar. Bu bolsa olaryň giň dünýägaraýyşlydygyny, bilimleri oňat özleşdirýändiklerini aýdyň beýan edýär. Hut şeýle ýaşlar häzirki döwürde bilim bäsleşiklerinde üstünlikli çykyş edýärler. Şeýle hem bilimli ýaşlar halkara bäsleşiklerinde öz döredijilikli ukyp-başarnyklaryny görkezip, ýokary baha mynasyp bolýarlar. Ýaşlaryň bilimleri bilen sanly ulgamy ösdürip, döwrebap mümkinçilikleri öňe alyp gitmek bolýar. Şonuň üçin ýurdumyzyň bilim ojaklarynda bu ugra uly üns berilýär, şeýle hem sanly tehnologiýalar giňişleýin öwredilýär.

**Kemal TÄÇMYRADOW,**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.**

# YLYM-BILIMIŇ HAZYNASY

Kitaplar döwrüň taryhyny, halkyň durmuşyny we ruhuny özünde jemleýän bahasyna ýetip bolmajak hazynadyr. Türkmeniň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň: «Kitap okan gullar magnydan dokdur» diýip belleýşi ýaly, kitap dünýäni açyp görkezýän, ynsanyň gözýetimini giňeldýän we ruhuny baýlaşdyrýan mizemez mirasdyr. Munuň şeýledigine ata-babalarymyzyň döreden: «Kitap okaýanyň ruhy baý», «Bilmeýän zadyňy kitapdan sora», «Kitap okamaýan görýänini görer, kitap okaýan dünýäni görer» ýaly atalar sözüdir nakyllary hem şaýatlyk edýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlara döwrebap bilim, terbiýe berilmegini ähli zatdan belentde goýýan hormatly Prezidentimiz öňdebaryjy usullary, tejribeleri ýurdumyzyň bilim ulgamyna düýpli ornaşdyrmak üçin ähli amatlyklary döredýär. Diýarymyzdaky kitaphanalaryň tehnologiýa taýdan ösmeginiň çaltlandyrylmagy, şeýle hem ähli ugurlara degişli ylmy we çeper edebiýatlary elektron görnüşe geçirmek işleri doly ýola goýuldy. Talyp ýaşlarymyz elektron kitaphanalardan peýdalanyp, köp maglumatlary özleşdirip bilýärler.

Mundan başga-da, elektron kitaphanalarynyň köpelmegi, olardaky edebiýatlaryň hem-de maglumatlaryň baýlaşmagy, internet arkaly halkara kitaphana ulgamyna birikmek bu ugurda mümkinçilikleri artdyrdy. Ylmyň dürli pudaklarynda işleýän türkmen alymlaryna, dürli kärdäki hünärmenlere gerek bolan kitaplaryň we döwürleýin neşirleriň dünýä döwletlerinden alynmagy, elbetde, bu ugurdaky döwrebap işleriň aýdyň netijeleridir. Ylmy we çeper edebiýatlar, eserler kitaphanalarda jemlenip, jemgyýetiň maglumatlara bolan talaplaryny kanagatlandyrýar. Tehnologiýalaryň şeýle tiz ösýän döwründe elektron kitaphanalar maglumat saklamagyň ygtybarlylygyny artdyrýar. Olar maglumatlary, edebiýatlary saklaýjy we habar beriş ulgamy bolup, ol maglumatlaryň elýeterliligini döretmäge hem-de giňeltmäge niýetlenilendir.

**Hatyja JUMAGYLYJOWA,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.**

# BEHIŞDI BEDEWLERE BUÝSANÇ

***Mälim bolşy ýaly, şu günler «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ezber ýigitleriniň çykyşlary ýurdumyzyň dürli künjeklerini gurşap alýar. Ýakynda bolsa, Mary welaýatynyň «Türkmeniň ak öýi» binasynda ajaýyp çykyşlar boldy. Türkmen bedewleriniň gözelligi, ýigitleriň ezberligi, milli oýunlar her bir ynsanda uly gyzyklanma döredýär. Aslynda, bedew atlar toý-baýramyň bezegidir.***

Türkmen halky bedew atlaryny milli buýsanjy, uçar ganaty hasaplaýar. Türkmeniň gapysynda at kişňäp dursa, şol ojagyň dokuzynyň düzüwliginden nyşandyr. Ruhubelent türkmen halkynyň atlara bolan garaýşynda üýtgeşik many-mazmun bardyr. Halk arasynda aýdylýan, «Atym — ganatym», «At — ýigidiň myrady» ýaly inçe many-mazmuna ýugrulan pähimler munuň hakykatdan hem şeýlediginiň subutnamasydyr.

Türkmen bedewiniň ajaýyp gözelligini tyllaýy öwüşginli bezeg şaý-seplersiz göz öňüne getirmek mümkin däl. Ýüzüne gymmat bahaly daşlar oturdylýan şaýsepler, altyn-kümüş teňňeler atyň alagaýyşynyň, jylawynyň, göwüsbendiniň, eýeriniň we beýleki esbaplarynyň müdimilik ýaraşygydyr.

Bedew atlar milli baýramçylyk günlerinde aýratyn toý esbaplaryna beslenýär. At — türkmeniň buýsanjy, goç ýigidiň kalbynyň telwasy. Ol gerçegiň ýakyn dosty, wepadar syrdaşy. Bu barada akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy hem öz şygyrlarynda belläp geçýär.



Türkmen ýigidi bedew atyny öz gardaşy ýaly hasaplapdyr. Şoňa görä-de, ony dür-zümerretdir ýakut-göwher, altyn-kümüş şaý-sepleri bilen bezäpdir. On barmagyndan gudrat döreýän zenanlar hem bedew atlary nagyşlaryna siňdirip, çuňňur pelsepe, nurana arzuwlar beýan edilen nepis el işlerini bagyşlaýarlar. Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitabynda hem bu barada parasatly sözler aýdylýar.

Bedewiň gözelliginiň aýrylmaz bölegine öwrülen at esbaplary, ajaýyp zergärçilik önümleri halk döredijilik eserleriniň, dessandyr şadessanlaryň mazmunynda hem aýratyn orun tutýar.

«Mahmal derlik», «zerewşan seçekli köýnekçe», «gaýyş seçekli gözlük», «şabram seçekli gursakça», «tylla keşdeli atkeçe», «ýüpek seçekli eýerlik» ýaly at esbaplary deri we keçe önümlerinden, şeýle hem altyn-kümüş şaý-seplerden düzülýär. Olaryň her birine çaýylýan aýratyn bezeg-nagyşlar atyň gözelligine görk goşýar. Biz munuň şeýledigini atyň bezeg esbaplaryna haşamlanýan nagyşlaryň mazmunyny seljerenimizde hem magat göz ýetirýäris. Mysal üçin, «dagdan», «alaja», «goçak», «ak goçak», «ok-ýaý», «peýkam», «okgöz», «gyýak», «jüýje burun», «guşgözi» ýaly nagyşlar has köp haşamlanýar. Ýeri gelende aýtsak, şeýle bezemen lybasly atlar has-da gözeldir, toýlaryň bezegi behişdi bedewleriň ýaryşlary baýrakly bolýar.

**Bahar MAMMEDOWA,**
**Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Taryh we arheologiýa institutynyň uly ylmy işgäri.**

# ASYLLY TERBIÝÄNIŇ ÄHMIÝETI

Häzirki döwürde ýaşlaryň bilimli bolup kemala gelmegine aýratyn üns berilýär. Şeýle hem ösüp gelýän ýaş nesilleri milli ruhda terbiýelemek, olaryň watansöýüji nesiller bolmagyny gazanmak her birimiziň mukaddes borjumyzdyr. Ýaşlary milli mirasymyz, ruhy gymmatlyklarymyz esasynda terbiýelemek üçin wagyz-nesihat işlerini alyp barmalydyrys. Şu nukdaýnazardan seredeniňde, milli we ruhy-ahlak gymmatlyklaryna sarpa goýulýan ýurdumyzyň ähli künjeklerinde ýaşlar bilen duşuşyklar, maslahatlar geçirilip durulýar. Esasan hem, bilim ojaklarynda guralýan maslahatlar, wagyz-nesihat duşuşyklary özüniň oňat netijesini berýär.

Türkmen halky şöhratly taryha, gadymy golýazma çeşmelerine, edebi mirasa baýdyr. Bu gymmatly çeşmelerde milli terbiýäniň nusgasyny görmek bolýar. Pähimdar pederlerimiz asyrlaryň dowamynda nesil terbiýesine uly üns berip, nakyllary, çeper eserleri döredipdirler. Bu nusgawy edebiýatyň çuňňur many-mazmunynda bolsa, nesil terbiýesine degişli bolan mertlik, gaýratlylyk, watansöýüjilik, ynsanperwerlik ýaly ýörelgeler wagyz edilýär. Şeýle eserleriň üsti bilen, ýaş ynsanyň durmuşyny has-da gözelleşdirjek ugurlar salgy berilýär. Bu bolsa olaryň gylyk-häsiýetleriniň, sözleýiş medeniýetiniň has-da kämilleşmegine ýardam berýär.

Ýaş nesliň terbiýesi ugrunda bilim işgärleriniň alyp barýan işlerini hem aýratyn nygtasymyz gelýär. Çünki bilim işgärleri wagyz-nesihat duşuşyklarynda hem-de sapaklarda milli gymmatlyklarymyzy wagyz edýärler. Şeýle hem nakyllary, atalar sözlerini ýaşlara düşündirýärler, many-mazmuny hakynda pikir alyşýarlar. Bu bolsa, öz gezeginde, ýaşlaryň söz baýlygynyň artmagyna, pederlerimiziň öwütlerine eýermeklerine täsir edýär. Merdana halkymyz hemişe özüniň halallyk, geçirimlilik, birek-birege ynam we hormat goýmak ýaly ajaýyp endikleri, paýhasy bilen tanalypdyr. Bu häsiýetler nesilden-nesle geçip, türkmeniň milliliginde saklanypdyr. Terbiýeçilik mazmundaky sözler, kyssalar, rowaýatdyr hekaýatlar, ertekiler hem terbiýeçilikde giňden peýdalanylýar. Bularyň ählisi halkymyzyň edep-terbiýä uly üns berendigini görkezýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ajaýyp eserlerinde hem ata-babalarymyzyň millilige aýratyn üns berendikleri nygtalýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň her bir kitaby ýaş nesli watansöýüjilik ruhunda terbiýelemäge, edepli, akylly, maksada okgunly edip ýetişdirmäge ak ýol salgy berýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýaş nesli milli ruhda terbiýelemek üçin ähli şertler bar. Bize şeýle giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, beýik işleri üstünliklere beslensin!

**Altymyrat KAKAJANOW,**
**Hydyr Derýaýew adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.**

# KITAP — KÄMILLIGIŇ GÖZBAŞY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň ähli ulgamlary şanly Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygyna ynamly gadamlar, uly ösüşler, dürli mazmunda geçirilýän dabaralardyr çäreler bilen barýarlar. Ýakynda Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebi bilen Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň «Türkmenkitap» lomaý-bölek birleşiginiň bilelikde guramagynda «Dünýä syry kitap bilen açylýar» ady bilen sergi-ýarmarkasy geçirildi. Sergi ýaşlarymyzda kitaba bolan söýgini has hem ösdürmek, ata-babalarymyzyň kitaba, ylma bolan beýik söýgüsini düşündirmek, edep-terbiýäni wagyz etmek maksady bilen guraldy.

Talyp ýaşlarymyzdyr mugallymlarymyz Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ýokary hilli neşir edilýän kitaplary uly höwes bilen synladylar we satyn aldylar. Sergi-ýarmarka gatnaşyjylarda Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň kitaplary uly gyzyklanma döretdi. Sergä gatnaşyjylar ýokary hilli neşir edilen çeper eserler, çagalar üçin kitaplar bilen hem öz kitap tekjelerini baýlaşdyrdylar. Mahlasy, asuda Watanymyzda rahat, eşretli durmuşda ýaşap okaýan, işleýän ýaşlarymyz sergi-ýarmarkany baýramçylyk ruhunda jemlediler.



Talyp ýaşlarymyz we sergä gatnaşyjylar ajaýyp baýramçylyk sergi üçin buýsançlaryny beýan etdiler. Okamaga, döredijilikli zähmet çekmäge döredilýän şertler üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.

**Çynar PATYŞAGULYÝEWA,**
**Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň direktorynyň orunbasary.**

# Sagdyn durmuş ýörelgesi

***Ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň rowaçlanýandygy, ýaş nesilleriň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanýandygy örän buýsançlydyr. Berkarar Watanymyzda sagdyn durmuş ýörelgelerini berkitmek, köpçülikleýin bedenterbiýäni ösdürmek boýunça ýaýbaňlandyrylan çäreler özüniň oňat netijesini berýär. Şunda ýaşlaryň aglabasynyň sport ýaryşlaryna, umumymilli sport çärelerine gatnaşýandyklaryny, wagtlaryny peýdaly geçirýändiklerini bellemek bolar.***

Sagdyn durmuş ýörelgesini ýaşlara düşündirmek, wagyz-nesihat işlerini alyp barmak biziň asylly ýörelgelerimize öwrüldi. Bag nahallaryny oturtmak, tebigatyň abadançylygyny üpjün etmek, arassaçylyk kadalaryny saklamak ýaly ýörelgelere ýaşlarymyzyň ünsüni çekýäris. Şonuň üçin hem şäherlerimiziň arassaçylygy, bagy-bossanlygy ynsan saglygyna oňat täsir edýär. Arassa we ekologiýa taýdan abadan şäherlerde geçirilýän sport çäreleri ýaşlaryň sagdyn ösmegine täsir edýär. Ilatyň saglygynyň berkidilmegi, ekologiýa abadançylygynyň üpjün edilmegi, täze ekologik aň-düşünjäniň raýatlaryň aňyna ornaşdyrylmagy, janly tebigatyň gözellik gurşawyny aýap saklamak ugrundaky jogapkärçilik sagdyn nesli kemala getirmäge ýardam berýär.

Sport we bedenterbiýe diňe bir sagdynlygy aňlatman, eýsem, ynsanyň medeniýetliligini hem alamatlandyrýar. Bedenterbiýe bilen işjeň we her gün meşgullanmak jemgyýetimiziň medeniýetiniň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Sazlaşykly beden maşklary adamyň sagdyn bolmagyny üpjün edýär, ruhuny belende göterýär. Hereketde bolmak bedeniňi berkitmekdir. Adam bedeniniň taplanmagynda, berkemeginde hereketliligiň uly ähmiýeti bardyr. Şonuň üçin her ynsan ýaşyna garamazdan, hereketliligi öz durmuşynda adat edinse, saglygyny berkitmegidir, şeýle hem medeniýetiniň ýokarylygydyr. Hereket etmek, sport bilen meşgullanmak ynsanyň şähdini açýar we okamaga bolan gyzyklanmasyny, işe bolan höwesini artdyrýar. Şonuň üçin sagdyn durmuş ýörelgeleri, esasan hem, sport we bedenterbiýe möhüm ähmiýete eýedir.

**Maýsa ARAZMEDOWA,**
**Gurbansoltan eje adyndaky Daşoguz lukmançylyk orta okuw mekdebiniň mugallymy.**


## Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy 2025 — 2026-njy okuw ýylynda okuwa girmäge isleg bildirýän orta we orta hünär okuw mekdepleriniň uçurymlaryny, okuw merkezleriniň diňleýjilerini, önümçilikde zähmet çekýän ýaşlary şu ýylyň 25-nji martynda hem-de 13-nji maýynda sagat 15:00-da «AÇYK GAPYLAR» gününe çagyrýar

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamyny ösdürmek baradaky alyp barýan syýasatynyň akademiýamyzda durmuşa geçirilişi, atçylyk pudagynda gazanylýan üstünlikler, okuwlaryň guralyşy, öwrenilýän hünärler, taýýarlyk ugurlary, döwrebap tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan tejribe we barlaghana otaglary, kitaphana we muzeý binasy, açyk we ýapyk manežleri, athana, sport toplumynyň işi, talyplaryň okuw we ýaşaýyş şertleri bilen bagtyýar ýaşlarymyz «Açyk gapylar» gününde tanşyp bilerler. Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy baradaky giňişleýin maglumatlary www.ihba.edu.tm web saýtyndan hem görüp bilersiňiz.

**Biziň salgymyz: Arkadag şäheriniň Aba Annaýew şaýolunyň 30-njy jaýy.**
**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz: 99312 57-24-34, 99312 57-24-07.**

## Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebi 2025 — 2026-njy okuw ýylynda okuwa girmäge isleg bildirýän ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdepleriniň we hünär-tehniki okuw mekdepleriniň uçurymlaryny, harby gullugy tamamlaýan esgerleri hem-de ýaşlary şu ýylyň 5-nji, 19-njy aprelinde we 3-nji maýynda geçiriljek «AÇYK GAPYLAR» günlerine çagyrýar

«Açyk gapylar» günlerine gatnaşýanlara orta hünär okuw mekdebinde taýýarlanylýan hünär ugurlary, nazaryýet-önümçilik okuwlarynyň guralyşy we geçirilişi, okuw-terbiýeçilik işleri, okuwa girmäge isleg bildirýän dalaşgärler üçin zerur resminamalaryň görnüşleri, okuw sapaklaryndan daşary alnyp barylýan köpçülikleýin medeni we sport çäreleri hem-de talyplaryň ýaşaýyş-durmuş şertleri barada giňişleýin maglumat berler.

«Açyk gapylar» günleri orta hünär okuw mekdebiniň birinji binasynda sagat 10:00-da geçirilýär.

**Biziň salgymyz: Aşgabat şäheri, Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan eje şaýolunyň 10-njy jaýy.**
**Habarlaşmak üçin telefonlar: 28-14-56, 28-20-04, 28-07-74.**


## BILDIRIŞ

***Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatyna 2025 — 2026-njy okuw ýyly üçin Aşgabat we Arkadag şäherlerinden hem-de welaýatlardan 2024 — 2025-nji okuw ýylynda orta mekdepleriň 6-njy synpyny tamamlaýan zehinli okuwçylar kabul edilýär. Dalaşgär okuwçylaryň 1 — 6-njy synplardaky bahalarynyň aglabasy 5-lik bolmaly.***

Mekdep-internata okuwa girmäge isleg bildirýän zehinli okuwçylaryň sanawy we aşakdaky resminamalar etrap (şäher) bilim bölümleriniň üsti bilen degişli welaýat we Aşgabat şäher Baş bilim müdirliklerine 2025-nji ýylyň 1-nji apreline çenli iberilýär. Baş bilim müdirlikleri, Arkadag şäheriniň bilim müdirligi bolsa okuwçylaryň sanawyny hem-de beýleki maglumatlary resmileşdirip, Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatyna iberýär.

**Gerekli resminamalar:**

— okaýan mekdebindäki şahsy jiltiniň mekdep müdiriniň möhüri bilen tassyklanylan göçürmesi;
— mekdep tarapyndan berlen hödürnama;
— ýaşaýan ýerinden kepilnama;
— ata-enesiniň işleýän ýerinden kepilnama;
— saglyk ýagdaýy hakynda kesgitlenen nusgadaky kepilnama (№86-H belgili kepilnama);
— 3x4 ölçegdäki 2 sany surat.

Mekdep-internata okuwa girmäge isleg bildiren zehinli okuwçylar bilen türkmen dilinden diktant, matematika hem-de taryh dersleriniň her birinden 3 soragdan ybarat bolan soragnama ýazmaça jogap bermek arkaly synaglar geçiriler.

**Synaglaryň möhleti:**

**Aşgabat, Arkadag şäherleri — aprel aýynyň 2-3-i (Aşgabat şäheri).**
**Ahal welaýaty — aprel aýynyň 4-5-i (Aşgabat şäheri).**
**Lebap welaýaty — aprel aýynyň 7-8-i (Türkmenabat şäheri).**
**Mary welaýaty — aprel aýynyň 10-11-i (Mary şäheri).**
**Daşoguz welaýaty — aprel aýynyň 14-15-i (Daşoguz şäheri).**
**Balkan welaýaty — aprel aýynyň 17-18-i (Balkanabat şäheri).**


XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

Baş redaktor
Söhbet NURBERDIÝEW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly-100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.

TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; jogapkär kätip — 39-96-40.
E-mail: mugallymlar-gazeti@sanly.tm
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-39; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-47; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-42; habarçy hatlar — 39-96-48; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe günleri çykýar.

SANY - 18400.

Bahasy 30 teňňe.

Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 2 ç.k. A-115939


Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.